# Daşoguz welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi

**Dersiň ady:** Sanly ykdysadyýet
**Topary:** Mekdebiň ähli hünärleri
**Mugallym:** Hanjanow Nurmuhammet, Hojamedowa Maral

## 1-nji tema. Sanly ykdysadyýet hojalyk ulgamy we ykdysady ylym hökmünde.

***Umumy okuwyň meýilnamasy:***
1. Maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň esaslary.
2. Postindustrial ykdysadyýetiň täze fenomenleri.
3. Sanly ykdysadyýet düşünjesi.
4. Sanly ykdysadyýetiň institusional gurluşy.
5. Sanly ykdysadyýet we ykdysady ösüş.

### 1. Maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň esaslary.

Dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň esasy maksady XX asyryň ahyry – X XI asyryň başy aralygynda industrial we postindustrial ykdysadyýetden sanly ykdysadyýete ýa-da başgaça tor arkaly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryna daýanýan ykdysadyýete geçmekligi.

Maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary – bu hasaplaýyş enjamlar we telekommunikasiýalar arkaly maglumatlary peýdalanyp bilmeklikde alnyp barylýan iş we usuldyr.

Olar:
- *Maglumat alyş-çalyş enjamlar (telewideniýe, radio, internet-torlar, bluetooth, stansiýa we öýjükli telefonlar).*
- *Maglumatlary ýazdyrmak we saklamak üçin serişdeler (flesh kartlar, hard diskler, CD/DVD/Blue-ray diskler).*
- *Maglumatlary işläp taýýarlaýan serişdeler (kompýuterler, serwerler, kompýuter torlar).*
- *Programma üpjünçiligi - belli bir wezipeleri ýerine ýetirýän we kompýuterleriň wezipelerini üpjün edýän programmalaryň jemi.*

Halkara guramalarynyň hasaplamalaryna görä dünýä bazarynda soňky 10 ýyllykda MAT ilkinji ýerleri eýeläp başladylar.

MAT-yň dünýä bazarynda **subýektleri:** döwletler, kompaniýalar, uniwersitetler, ýörite fondlar, we fiziki şahslar. **Obýekti** bolup maddy görnüşine eýe bolan intellektual işler (programma üpjünçiligi we enjamlar) we maddy däl görnüşe eýe bolan (lisenziýa, patentler) çykyş edýärler.

## 2. Postindustrial ykdysadyýetiň täze fenomenleri.

Birnäçe ýurtlar sanly ykdysadyýeti şeýle düşünjeler bilen deňeşdirýärler, olara maglumat ykdysadyýeti, internet-ykdysadyýeti, torly ykdysadyýet, elektron ykdysadyýet, täze ykdysadyýet postindustrial ykdysadyýetiň täze fenomenleriniň alamaty hökmünde peýdalanýarlar.




**Şekil: Post industrial ykdysadyýetiň täze fenomenleri**

## 3. Sanly ykdysadyýet düşünjesi.

Sanly ykdysadyýet adalgasy birnäçe ekspertler 1995-nji ýylda ABŞ-nyň Masaçýusest uniwersitetiniň alymy Nikolas Negroponte tarapynda teklip edilipdir diýýärler. Ol bu adalgany ozalky ykdysadyýet bilen deňeşdirende maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryň okgunly ösmeginiň netijesinde kemala gelýän täze ykdysadyýetiň artykmaçlyklaryny häsiýetlendirmek üçin ulanypdyr.

Beýleki ekspertler Sanly ykdysadyýet düşünjesi Kanada alymy, ykdysatçy we işewwürlik boýunça maslahatçy Don Tapskottanyň «Digital Economy» at bilen ýazan kitabyndan, 1994-nji ýyldan başlanýar. 1998-nji ýylda ABŞ-nyň şol wagtky Prezidenti Bill Klinton özüniň ykdysady syýasat boýunça kömekçisine digital economy sanly ykdysadyýete baha bermegi tabşyrýar hem-de bilermenlere onuň geljekde bolan mümkin täsirlerine baha bermegi gurmagy tabşyrýar.

**Sanly ykdysadyýet** – sanly tehnologiýalary ulanmagyň esasynda ykdysady, durmuş we medeni gatnaşyklaryň ulgamy bolmak bilen, ol sanly telekommunikasiýalaryň kömegi bilen amala aşyrylýan ykdysadyýetdir.

**Sanly ykdysadyýetiň ähmiýeti :**

1. Çykdajylaryň tygşytlylygy
2. Firmalaryň, kompaniýalaryň we edaralaryň resminama dolanyşygynyň azaldylmagy, sanly resminama dolanyşygyna geçilmegi
3. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy
4. Önümiň hiliniň ýokarlanmagy
5. Ýurdyň ykdysadyýetiniň ösüşüniň tizlenmegi

**Sanly ykdysadyýetiň pudaklary:**

- Elektron täjirçilik
- Elektron marketing
- Elektron banking
- Elektron ätiýaçlandyryş hyzmatlary

**Sanly ykdysadyýet özüne 8 sany «Hablary» - segmentleri birleşdirýär:**

• döwlet we jemgyýet
• marketing we reklama,
• maliýe we söwda,
• infradüzüm we aragatnaşyk,
• media we meşgullanmak,
• kiberhowpsuzlyk,
• bilim we işgärler
• startaplar.

Ýokarkylaryň iň uly segmenti infradüzüm we programma üpjünçilik hasaplanylýar.
Ikinji ýerde Elektron täjirçilik.
Pul möçberinde «marketing we reklama» uly hasaplanýar.
Internet saýtlary kontentler doldurmak hem uly möçberlere baryp ýetýär.

## 4. Sanly ykdysadyýetiň institusional gurluşy.

**Sanly ykdysadyýetiň institutsional gurluşy 3 elementden ybaratdyr:**

1. Institutsional subýektler
2. Institutsional obýektler
3. Institutsional mehanizmler




## 5. Sanly ykdysadyýet we ykdysady ösüş.

Ýurtda elektron pudagynyň döredilmegi, taýýar harytlyk önümlerini öndürýän önümçilik kärhanalaryny diwersifikasiýa ýoly bilen üpjün etmegiň degişli ulgamynyň ösdürilmegi milli ykdysadyýetimiziň has-da kuwwatlanmagyna uly täsirini ýetirer. Innowasion, ýokary tehnologiýaly serişde we energiýa tygşytlaýjy enjamlar bilen enjamlaşdyrylan elektron we elektrotehniki senagaty kärhanasyny gurmak, döretmek we ösdürmek, şeýle hem bu ulgam üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak şu günüň möhüm wezipesi hökmünde öňe çykdy. Häzir ykdysadyýetiň hiç bir pudagyny elektron tehnikalaryny we ýokary tehnologiýalary peýdalanmazdan göz öňüne getirmek mümkin däl. Milli elektron senagatynyň döredilmegi ýurdumyzyň halk hojalyk toplumyny has-da depginli ösdürmäge mümkinçilik berer. Döwlet ösüş maksatnamasyna laýyklyk-da, Türkmenistan-da elektron pudagynyň täzeçil ösüşini üpjün edýän dürli hili elektron enjamlarynyň önümçiligi boýunça kärhanany döretmek işleri alnyp barylýar. Bu ugurda serişde we energiýa tygşytlaýjy, ekologiýa taýdan arassa elektron we elektrotehniki senagatynda içerki we daşarky bazarlar üçin bäsdeşlige ukyply önümçiligi döretmek, şeýle hem ýurdumyzyň eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak babatda işler talabalaýyk ýola goýulýar. Häzirki wagtda ýarym geçiriji elementleri, Gün energiýasyny elektrik energiýasyna öwürýän elementleri, fotoelektrik enjamlary, elektron serişdeleri, awtomatikanyň elementlerini, yşyklandyryş enjamlaryny, şol sanda LED lampalaryny, elektrik energiýasynyň sarp edilişini hasaba alyjy elektron enjamlary, şeýle hem ilat üçin beýleki dürli elektrotehniki enjamlary öndürýän kiçi kärhanalary döretmek üçin ähli şertler bar. Bu işlere hususy telekeçileriň çekilýändigi hem aýratyn bellärliklidir.

Elektron senagatyny ösdürmek babatda ylym-bilim pudagynda-da degişli işler alnyp barylýar. Bu ugurdaky önümçilik desgalarynda zähmet çekjek hünärmenleri taýýarlamak üçin ýokary okuw mekdepleriniň birnäçesiniň düzüminde täze bölümler açyldy.

McKinsey geçiren barlaglaryna görä, sanly ykdysadyýet ýurdyň ösüşine ýokary derejeli we bäsleşige ukyply täsir edip biler. Olaryň bahalandyrmalaryna görä 2025-nji ýyla çenli Hytaýyň jemi içerki önüminiň möçberi sanly tehnologiýalaryň esasynda 22 %, ABŞ-ky 10% çenli ýokarlanyp biler.

Huawei kompaniýasynyň berýän maglumatlaryna görä global derejede birikme gönüden göni maglumat aragatnaşyk tehnologiýalaryna maýa goýmaklary bilen baglanşykly we şol hem JIÖ ösüşine getirip bildi. JIÖ jan başyna düşişi boýunça dünýä liderleriniň onlugyna Şwesariýa, Norwegiýa, ABŞ, Daniýa, Singapur we ş.m degişlidirler. Tebigy resurslaryň ýetmezçiliginiň öňüni almak maksady bilen bu döwletler bar ünsi sanly ykdysadyýete jemleýärler. Uglewodorod önümlerini satmak bilen meşgullanýan girdejileriň jan başyna düşüşi boýunça ýokary görkezijili ýurtlar (BAE, Saud Arabystan) sanly ykdysadyýetiň ösüşi boýunça 23 we 41 ýerleri eýelemek bilen yza galýarlar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Maglumat aragatnaşyk tehnologiýalary näme?
2. Postindustrial ykdysadyýetiň täze fenomenlerine mysal getiriň?
3. Sanly ykdysadyýet näme?
4. Sanly ykdysadyýetiň näçe sany segmenti bar we ony giňişleýin düşündiriň?
5. Sanly ykdysadyýetiň pudaklary haýsylar?
6. Sanly ykdysadyýetiň institutsional gurluşyny çyzyň.